

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biz Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň binýadyny has-da pugtalandyryp, ýurdumyzy beýik geljege tarap ynamly öňe alyp barýarys.




# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2025 | Oktýabr | #8/43


# Garaşsyzlyk bilen galkynan Watan




Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen amal edilýän işler biziň ýurdumyzy toýlaryň, baýramlaryň mekanyna öwrüldi. Üstümizdäki Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda baýramlary goşa-goşadan tutýarys. Şonuň üçin bu ýyl halkymyzyň durmuşynda aýratyn üýtgeşik orun eýeleýän ýyl hökmünde dowam edýär.

Bu ýylda biz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyny uly zähmet üstünlikleri bilen garşyladyk, indi bolsa has belentlere ýokary galyp, dünýäniň iň abraýly halkara bileleşigi bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen berkarar döwletimiziň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ilkinji ykrar edilmeginiň şanly 30 ýyllyk baýramyna barýarys.

Garaşsyzlyk ýyllarynda halkymyz asyrlaryň dowamynda edip bilmedik işlerini durmuşa geçirdi. 2025-nji Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamynda edilen tutumly işler bolsa barmak basyp sanardan kän. Bu babatda ýurdumyzda ykdysadyýetimiziň ösüşini maksatnamalaýyn esasda alyp barmak bilen, täze tehnologiýalar we innowasiýalar esasynda häzirki zaman ykdysadyýetini döretmekde uly üstünlikler gazanylyp, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, durnukly ösüşi gazanmak bilen, ykdysadyýetimiziň binýatlyk esaslarynyň barha berkidilýändigi, şonuň üçin üstümizdäki ýylyň başyndan bäri jemi içerki önümiň ösüşiniň 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp gelýändigi bellemäge mynasypdyr.

2025-nji ýylyň martynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda gurlup ulanmaga berlen keramiki önümleri öndürýän zawodyň, 8-nji sentýabrda paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat kärhanalary toplumynyň çäginde «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň Çüýşe gaplaryny öndürýän önümhanasynyň işe girizilmegi muňa aýdyň mysaldyr. Häzir dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň işewürleriniň işjeň hyzmatdaşlygynda Balkan welaýatynda ýyllyk kuwwaty 1 million 155 müň tonna önüm öndürmäge niýetlenen karbomid toplumynyň ýene-de biriniň, Ahal welaýatynda tebigy gazdan ekologiki taýdan arassa benzin öndürýän zawodyň ikinjisini gurmagyň we beýleki birnäçe senagat kärhanalarynyň gurulmagynyň meýilleşdirilýändigi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Munuň özi geljekde-de birnäçe möhüm desgalaryň gurlup, halkyň hyzmatynda goýuljakdygyny aňladýar. Nesip bolsa, ýakyn wagtlarda Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň gurluşygyň tamamlanjakdygy, Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat böleginiň açylyp ulanmaga beriljekdigi muňa aýdyň subutnamadyr. Şeýle-de Aşgabat we Arkadag şäherleriniň durnukly ösdürilýändigini, Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň çalt depginde alnyp barylýandygyny hem aýtmak gerek.

Garaşsyzlyk baýramynyň öň ýanynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda «Döwletli mekan», Kaka etrabynda «Bagtly zamana» atly täze, döwrebap obalaryň açylyp ulanmaga berilmegi, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda häzirki zaman şäherçäniň dabaraly ýagdaýda açylmagy olarda ýaşajaklar üçin toý sowgady bolandygy guwandyryjy ýagdaýdyr.

Ýurdumyz ulag we aragatnaşyk toplumyny ösdürmäge uly yhlas siňdirýär. Bu hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, Gündogar — Günbatar we Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça esasy üstaşyr ulag geçelgeleriniň düzümlerini giňeltmegiň möhümdiginden ugur alýar. Şonuň üçin häzir ýurdumyzda Hytaý — Gazagystan — Türkmenistan — Eýran ulag geçelgesini ösdürmek, daşalýan ýükleriň möçberini artdyrmak babatda zerur işler alnyp barylýar. Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlaryndan Ýewropa ýurtlaryna çenli halkara multimodal ulag ugruny ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçiliklerini, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň kuwwatyny doly güýjünde ulanmak boýunça netijeli işler dowam etdirilýär. Aragatnaşyk ulgamy hem döwrüň talabyna görä yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar.

Garaşsyz ýurdumyzda milli bilim ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär, ruhy taýdan kämil, giň dünýägaraýyşly, çuňňur watansöýüji ýaş nesilleri kemala getirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Şunda halkara derejä laýyk gelýän ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak möhüm wezipe bolup durýar. Munuň üçin bolsa bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň gurluşygynyň güýçli depginde alnyp barylýandygy, şu ýylyň Bilimler we talyp ýaşlar gününde Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň täze binalar toplumynyň dabaraly ýagdaýda ulanmaga berilmegi, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň täze, döwrebap okuw binalar toplumynda professor-mugallymlar, talyplar üçin ähli şertleriň döredilendigi, paýtagtymyzdyr welaýatlarda häzirki zaman tehnologiýalary ornaşdyrylan orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň ulanmaga berilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Ýurdumyzda bulardan başga-da köp sanly döwrebap bilim edaralaryny gurmak meýilleşdirilendir.

Ýurdumyzda ynsan saglygyny berkitmäge aýratyn uly ähmiýet berilýär. Çünki halkymyzyň saglygyny berkitmek, abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek döwlet syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar. Şonuň üçin saglygy goraýyş ulgamynda halkymyza dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary hödürlenilýär.

Häzirki wagtda paýtagtymyzda Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleriniň, Stomatologiýa merkeziniň gurluşygy ýokary depginde dowam etdirilýändigi, «Arçman» şypahanasynda goşmaça 400 orunlyk binalar toplumynyň gurluşygynyň alnyp barylýandygy, ýakyn wagtda Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň köpugurly hassahanasynyň, Indira Gandi adyndaky Aşgabat lukmançylyk orta okuw mekdebiniň täze binalar toplumynyň, paýtagtymyzda köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde köpugurly hassahananyň düýbüni tutmagyň meýilleşdirýändigi, şeýle-de Mary, Balkan we Lebap welaýatlarynda halkara derejeli onkologiýa merkezlerini, Daşoguz welaýatynda Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini gurmagyň göz öňünde tutulýandygy munuň aýdyň subutnamasydyr. Ösüp gelýän nesilleriň sagdyn adamlar bolmagyny üpjün etmekde bu ýylyň 29-njy martynda döredileniniň 4 ýyllygyny halkara derejede belläp geçen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleriniň ähmiýetiniň iňňän uludygyny bellemek gerek.

Halkymyzyň ruhy gymmatlyklaryny, medeni mirasymyzy aýawly saklamakda, dünýä ýaýmakda medeniýet ulgamyna uly orun degişlidir. Häzirki döwürde türkmen medeniýetiniň we sungatynyň gazananlaryny dünýä ýaýmak maksady bilen, dürli festiwallar, konsertler, sergiler, döredijilik duşuşyklary, beýleki medeni-köpçülikleýin çäreler yzygiderli geçirilýär. Ýurdumyzda şu ýyl Medeniýet hepdeligi Ahal welaýatynda geçirildi. Geljek ýylda bolsa ony Balkan welaýatynda geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu ugurda halkara guramalar bilen, ilkinji nobatda bolsa, biziň strategiki hyzmatdaşymyz bolan Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen düzümi, ýagny ÝUNESKO bilen netijeli gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýändigi, Gadymy Merwiň, Köneürgenç ýadygärlikleriniň, Parfiýanyň Nusaý galalarynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna, şeýle hem maddy däl medeni gymmatlyklarymyzyň 9-synyň bu guramanyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilendigi möhüm ähmiýete eýedir.

Üstümizdäki ýylda dünýäniň köp sanly döwletleri bilen, halkara guramalar, ilkinji nobatda bolsa, Birleşen Milletler Guramasy bilen gatnaşyklar giň gerimde ösdürildi. Häzirki döwürde ýurdumyzyň halkara derejede geçirilýän maslahatlaryň, forumlaryň mekanyna öwrülendigi buýsandyryjy ýagdaýdyr. Bu babatda şu ýyl «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýokary derejede guralan Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň dünýä we sebit ähmiýetli möhüm meseleleriň çözgüdini tapmaga hil taýdan täzeçe çemeleşýän Türkmenistanyň halkara abraýyny has artdyrandygy, Maslahatyň jemleri boýunça Awaza syýasy Jarnamasynyň kabul edilmeginiň, şeýle-de 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň yglan edilmeginiň ägirt uly ähmiýetiniň bolandygy bellemäge mynasypdyr.

Bu babatda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy mynasybetli geçiren baýramymyzyň öň ýanynda hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde iş saparynda bolup, onuň barşynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý mejlisine gatnaşmak bilen, onuň plenar mejlisinde ilkinjileriň biri bolup çuňňur manyly söz sözlemegi, şonda bolsa umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryň tutuş bir toplumyny öňe sürmegi ähmiýetli waka boldy.

Şeýlelikde, zähmetsöýer halkymyz hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyny uly zähmet üstünlikleri bilen, dünýäde uly abraý-mertebä eýe bolmak bilen giň gerimde belläp geçdi.

Biz hem şu pursatda hormatly Prezidentimizi, Gahryman Arkadagymyzy, ähli ildeşlerimizi bu ajaýyp baýram bilen tüýs ýürekden gutlaýarys, hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!


**Atajan BURYNOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, professor.**

## Täzelikler

# Ähli umumy parahatçylygyň bähbidine

**29-njy sentýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Bitarap Türkmenistanyň halkara başlangyçlary — dünýäde ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň baş ýörelgesi» atly maslahat geçirildi.



Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mejlisler zalynda geçirilen maslahat ýurdumyzyň ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik guramalary ulgamy tarapyndan guraldy. Oňa gatnaşyjylar ilki uniwersitetiň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher zehininden dörän kitaplarynyň, ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň ýazan okuw gollanmalarynyň, monografiýalarynyň, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, şeýle hem talyplaryň halkara we döwlet derejesinde geçirilen ylym-bilim, taslama-döredijilik bäsleşiklerinde, sport ýaryşlarynda gazanan üstünlikleriniň sergisi bilen tanyşdylar. Bu ýerde uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň dutarçylar toparynyň ýerine ýetiren aýdymlary çärä özboluşly öwüşgin berdi.





Maslahatda bitarap döwlet hökmünde parahatçylygy, durnuklylygy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen daşary syýasaty durmuşa geçirýän ýurdumyzyň tutuş adamzat ähmiýetli işleri, tagallalary baradaky çykyşlara giň orun berildi. Çykyş edenlerleriň belleýşi ýaly, şu ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty hem-de hormatly Prezidentimiziň Milletler Bileleşiginiň nobatdaky ýubileý sessiýasynyň badalga alýan günlerindäki ýokary derejeli çärelere gatnaşmak üçin ýakynda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherine üstünlikli amala aşyran iş saparы munuň aýdyň mysallary hökmünde görkezildi.

Dabaraly maslahat uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylarynyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny, hormatly Prezidentimiziň, Milli Liderimiziň beýik işlerini wasp edýän aýdymlary bilen utgaşykly dowam etdi. Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Dünýä hojalygynda ulag-logistikanyň ähmiýeti

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman ulag-üstaşyr logistik düzümler, aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamy kemala getirilýär. Munuň özi Beýik Ýüpek ýolunyň döwrebap derejede, täze röwüşde dikeldilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň golaýda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherine iş saparyny amala aşyrmagy we onuň barşynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisiniň ilkinji gününde çykyş etmegi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy giňden dabaralandyrylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň taryhy wakalarynyň biri boldy.

Türkmenistan adam mümkinçilikleriniň, medeniýetara dialogyň, adam hukuklarynyň ilerledilmegine ýardam berýän taslamalary yzygiderli öňe sürýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda hem ýurdumyz Türkmenistan «Parahatçylygyň we ösüşiň esasy hökmünde Beýik Ýüpek ýolunyň medeni mirasy» atly Kararnamanyň taslamasyny Baş Assambleýanyň garamagyna hödürlemegi maksat edinýär. Bu başlangyç halklaryň arasynda ynanyşmagyň, özara düşünişmegiň we hyzmatdaşlygyň esasy hökmünde taryhy-medeni mirasyň ähmiýetini açyp görkezmäge gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen öňe sürülýän ähli halkara başlangyçlar BMG-niň Tertipnamasyna we esas goýujy resminamalaryna, uzak möhletli maksatlaryna laýyklykda beýan edilýär. Geljekde-de döwletimiz halkara işlerde BMG-niň eýeleýän esasy ornuny pugtalandyrmak ugrunda yzygiderli çykyş etmegini dowam etdirer.

Türkmenistan BMG-niň çäklerinde halkara gatnaşyklarynda işjeň orny eýelemek bilen, anyk başlangyçlary öňe sürýär. Şunuň bilen baglylykda, transmilli ulag geçelgelerini döretmek boýunça daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde giň möçberli düzümleýin taslamalary durmuşa geçirýär. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda iri halkara ulag forumlarynyň ençemesi geçirildi.

Umuman, döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm halkasy, hereketlendiriji güýji bolmak bilen, halkara ulag-logistika ulgamynyň ösüşinde wajyp orny eýeleýär. Ulag-logistika pudagynyň yzygiderli ösdürilmegi durmuş-ykdysady ösüşler bilen özara sazlaşygy emele getirip, halkara hyzmatdaşlygyň, dünýä ýurtlary bilen dostluk we doganlyk gatnaşyklarynyň giňeldilmegine oňaýly täsir edýär.

**Ýazmyrat ILAMANOW,**
**geografiýa kafedrasynyň uly mugallymy.**

# Himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiada

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan 2025-nji ýylyň 15 — 17-nji oktýabry aralygynda ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Aşgabat şäherinde Himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiada geçirilýär.

Olimpiadanyň resmi iş dilleri - türkmen, iňlis we rus dilleri.

Olimpiada şahsy bäsleşik görnüşinde A we B derejede geçiriler:

a) A derejä himiýa hünärinde, şeýle-de islendik hünärde okaýan (bakalawr derejesi boýunça I — IV ýyl, hünärmen derejesi boýunça I — V ýyl) talyplar gatnaşyp bilerler.

b) B derejä hünär ugry himiýa bolmadyk talyplar gatnaşyp bilerler.

Olimpiada bir tapgyrda geçiriler:

a) A dereje ýazmaça görnüşinde geçiriler.

b) B dereje test görnüşinde geçiriler.

Çagyrylan her ýokary okuw mekdebinden her dereje üçin gatnaşyjylaryň sany dört talypdan (bakalawr we hünärmen derejelerinden) we bir ýolbaşçydan (4+1 görnüşinde) geçmeli däl.

Olimpiadanyň ýeňijilerine diplomlar we medallar gowşurylar.

Olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýänler ýokary okuw mekdebiniň resmi haty arkaly toparyň düzümi baradaky maglumaty, şeýle hem doldurylan hasaba alnyş kagyzyny, şahsy kagyzyny we daşary ýurt pasportynyň nusgasyny ***olimptsu@gmail.com*** elektron salgysyna ibermeli.



**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**
**HIMIÝA DERSI BOÝUNÇA GEÇIRILÝÄN**
**IV HALKARA OLIMPIADASYNA WE**
**MASLAHATA GATNAŞMAGA ÇAGYRÝAR**

# «Himiýany okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekde innowasion tehnologiýalaryň orny» atly halkara ylmy-amaly maslahat

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti 2025-nji ýylyň 15 — 17-nji oktýabrynda ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Aşgabat şäherinde geçiriljek himiýa dersi boýunça IV halkara olimpiadasynyň çäginde ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň, ylmy-barlag merkezleriniň alymlarynyň, ylmy işgärleriniň gatnaşmagynda «Himiýany okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekde innowasion tehnologiýalaryň orny» atly halkara ylmy-amaly maslahatyny utgaşykly görnüşinde geçirmegi meýilleşdirýär.

Maslahatyň resmi iş dilleri — türkmen, iňlis we rus dilleri.

Maslahat umumy mejlisde we iki bölümde öz işini alyp barar:

I bölüm: Himiýany okatmagyň innowasion usullary.

II bölüm: Himiýa ylmyny ösdürmekde innowasiýa tehnologiýalarynyň orny.

Halkara ylmy-amaly maslahatyň çykyşlarynyň gysgaça beýanlarynyň elektron ýygyndysyny taýýarlamak meýilleşdirilýär.

**Alkyş Size, Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

# DÖWLET SYLAGLARY GOWŞURYLDY

**20-nji sentýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň gol çeken degişli Permanyna laýyklykda, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli, ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynyň işgärleri, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, şeýle-de, Mary welaýatynda zähmet çekýän hem-de aýratyn işjeňlik görkezýän, jemgyýetçilik durmu-



şynda öňdebaryjy raýatlar döwlet sylaglary, hormatly atlar bilen sylaglandylar.

Dabara başlanmazdan öňürti, oňa gatnaşyjylar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan sergini synladylar hem-de bu ýerde guralan aýdym-sazly çykyşlara tomaşa etdiler.

Dabarada edilen çykyşlarda 19-njy sentýabrda paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen täze möhüm çözgütleriň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan yzygiderli ösdürmekde ýene-de bir kuwwatly itergi beriji güýje öwrüljekdigi aýratyn bellenildi.

Soňra döwlet sylaglary gowşuryldy. Sylaglara mynasyp bolanlar öz işlerine berlen ýokary baha hem-de işlemäge, döretmäge döredilen şertler üçin döwlet Baştutanymyza çyn ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinden nazary we eksperimental fizika kafedrasynyň dosenti Daulbaý Melebaýew hem-de raýat hukugy kafedrasynyň mugallymy Şirmyrat Garaýew döwlet sylaglaryna mynasyp boldular.



Dabaralara gatnaşanlar mynasyp bolan sylaglaryny buýsanç duýgusy hem-de tolgunma bilen kabul edip, halkymyzyň abadançylygynyň, ata Watanymyzyň şöhratyny has-da artdyrmagyň bähbidine çeken zähmetlerine ýokary baha berendigi üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyklaryny bildirdiler. Çykyş edenleriň nygtaýyşlary ýaly, olar bu şatlygyny häzirki bagtyýar günümizi we nurana geljegimizi guryan ähli ildeşlerimiz bilen paýlaşýarlar. Dabaralara gatnaşanlar Arkadagly Gahryman Serdarymyza hem-de Gahryman Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny beýan edip, mundan beýläk-de ähli ukyp-başarnyklaryny Diýarymyzda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeleri amala aşyrmaga bagyşlajakdyklaryna ynandyrdylar. Şol özgertmeler halkymyzyň agzybirligini we jebisligini pugtalandyrmaga, jemgyýetde durnuklylygy üpjün etmäge, Watanymyzyň rowaçlygyna gönükdirilendir.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň döredijilik toparynyň çykyşlary dabaraly çärä ajaýyp öwüşgin çaýdy.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözlerini aýtdylar.

**«Türkmen uniwersiteti».**

---

**Daulbaý MELEBAÝEW,**
**nazary we eksperimental fizika kafedrasynyň dosenti,**
**«Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi:**

— Garaşsyzlyk baýramy her bir türkmeniň kalbynda besleýän, hasyl bolan arzuwlarynyň datly miwelerini eçilýän şanly baýramçylykdyr. Döwlet Baştutanymyzyň bu şanly baýramyň öňüsyrasynda zähmetde gazanan üstünlikleri bilen tapawutlanan ýurdumyzyň raýatlaryny Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli döwlet sylaglary bilen sylaglamagy ildeşlerimizi täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Şanly Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň uludan toýlanylýan günleri meniň üçin hem ýatdan çykmajak buýsançly pursatlara beslendi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň degişli Permany bilen, «Watana bolan söýgüsi üçin» medalyna mynasyp boldum. Baş baýramymyzyň şanly senesi mynasybetli şeýle uly döwlet sylagynyň gowşurylmagy toý şatlygymy hasda artdyrdy. Ata Watanymyzy bedew bady bilen ösüşleriň täze belentliklerine alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys. Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk binýadynyň has-da berkemegi üçin beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!



---

**Şirmyrat GARAÝEW,**
**raýat hukugy kafedrasynyň mugallymy,**
**«Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi:**

— Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň döwlet derejesinde baýram edilýän şu günleri meniň üçin goşa baýramçylyga öwrüldi. Çünki bu uly baýramçylyk mynasybetli men Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medalyna mynasyp boldum. Garaşsyz döwletimizi ösdürmekde, halkymyzyň halýagdaýyny ýokarlandyrmakda uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize alkyş aýdýaryn. Halkymyzyň çekýän zähmetine uly baha berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik bolsun, il bähbitli, bütin adamzat ähmiýetli ähli tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin! Pursatdan peýdalanyp mähriban halkymyzy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzy mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn!



---

**Parahat DURDYGYLYJOW,**
**dünýä taryhy kafedrasynyň mugallymy,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi:**

— Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk şanly toýunyň öňüsyrasynda edebiýat, medeniýet we sungat işgärleriniň, höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda geçirilen Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň Şa serpaýyny almaklyk bagty maňa-da miýesser etdi. Häzirki ajaýyp döwrümizde ösüşlere beslenýän döwletimiziň her bir ulgamynyň hünärmeni Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň amala aşyrýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleriniň netijesiniň hözirini görüp, duýup ýaşaýar. Bu beýik özgertmeleriň netijeleri barada pikirleriňi we duýgularyňy paýlaşmak, buýsanjyňy beýan etmek uly bagt. Şeýle bagtyýar günlerde hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolmak buýsançly waka. Halkymyzy şeýle bagtyýar durmuşda ýaşadýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin!



# Täzelikler

## Aýdym-sazly dabara geçirildi

*10-njy sentýabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy, şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli «Ylym-bilim ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň gözbaşy» atly aýdym-sazly dabaraly çäre geçirildi.*



Dabaraly çärede Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlary we talyplary Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ylym-bilim özgertmelerini durmuşa geçirmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli işler dogrusynda çykyş etdiler.

Çäräniň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerini halkara derejeli ýokary okuw mekdepleriniň sanawyna goşmak barada berýän tabşyryklaryndan ugur alyp, şeýle hem ýokary okuw mekdeplerinde ýerine ýetirilýän okuw, okuw-usuly, ylmy-barlag we tejribe-amaly işleriniň kämilleşdirilmegini gazanmak maksady bilen, Türkmenistanyň bilim ministriniň buýrugy bilen tassyklanan «Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň reýting bahalandyrmasy hakynda» Düzgünnama laýyklykda, 2024-2025-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdepleriniň arasynda geçirilen Milli reýting bahalandyrmasynyň görkezijileri boýunça ýokary netijeleri görkezendikleri üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine, uniwersitetiň matematika fakultetine, nazary we eksperimental fizikasy kafedrasyna, matematiki analiz kafedrasyna, şeýle hem bu kafedranyň müdiri, fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty N.Gurbanmämmedowa, nazary we eksperimental fizika kafedrasynyň mugallymy A.Amanmädowa, amaly matematika we informatika kafedrasynyň uly mugallymy M.Aşyralyýewe Türkmenistanyň bilim ministriniň Hormat hatlary gowşuryldy.

«Ýylyň talyby-2025» atly döwlet bilim bäsleşiginde 1-nji orna mynasyp bolan ekologiýa hünäriniň 5-nji ýyl talyby S.Saryýew hem Hormat hatyna mynasyp boldy.

Dabaraly çärede Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda alnyp barylýan ylym-bilim syýasatyny durmuşa geçirmekde aýratyn işeňňirlik görkezýän hukuk fakultetiniň mugallymlaryna we talyplaryna Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň agzalyk şahadatnamalary gowşuryldy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylar toparynyň ýerine ýetiren aýdymdyr sazlary bu ýere ýygnananlarda ýakymly täsirleri galdyrdy.

## Parahatçylygy wasp eden şahyr

***12-nji sentýabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynyň many-mazmunyny ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda giňden wagyz-nesihat etmek boýunça 2025-nji ýylda geçiriljek çäreleriň Meýilnamasyna laýyklykda, «Magtymguly Pyragy — parahatçylygy wasp eden dana şahyr» atly maslahat geçirildi.***

Maslahata Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň, Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymlary we talyplary, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň alymlary gatnaşdylar.

Çykyşlarda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny köptaraplaýyn öwrenmekde hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynyň ähmiýetiniň uludygyny nygtap geçdiler. Şahyryň şygyrlarynda berkarar Watan we kämil jemgyýet baradaky garaýyşlar öz beýanyny tapyp, häzirki zaman türkmen jemgyýetinde ýurdumyzyň binýadyny berkitmekde, jemgyýetimizi has-da kämilleşdirmekdäki ornuny bellediler.



## Wagyz-nesihat çäresi

*12-nji sentýabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli hem-de 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň ähmiýetini wagyz etmek bilen baglanyşykly "Türkmenistanyň Halk Maslahaty – milli demokratiýanyň döwrebap nusgasy" atly wagyz-nesihat çäre geçirildi.*

Wagyz-nesihat çärede Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlary çykyş edip, Gahryman Arkadagymyz we hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşi üpjün etmekde alnyp barylýan işleriň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has giň gerimе eýe bolýandygyny belläp geçdiler. Çykyşlarda berkarar Watanymyzyň durnukly ösüşiniň häzirki zaman şertlerinde giň gerimde alnyp barylmagy maksatnamalaýyn işler halk bilen häkimiýet edaralarynyň arasynda sazlaşykly ýola goýulýandygy, bu bolsa köpýyllaryň dowamynda asylly däbe öwrülen mukaddes Garaşsyzlyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda geçirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatlarynyň mejlislerinden hem-de olarda kabul edilýän çözgütlerden görmek bolýandygy aýdyldy.

Wagyz-nesihat çäräniň ahyrynda oňa gatnaşyjylar tarapyndan ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşe, ýaşlaryň ylymly, bilimli we giň dünýägaraýyşly ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda alyp barýan tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözleri beýan edildi.



## Ylmy-amaly maslahat

***24-nji sentýabrda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly we Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy — hormatly Prezidentimiziň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň berk binýady» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.***

Maslahat öz işini umumy mejlisde, şeýle hem «Hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer syýasaty parahatçylygyň we ynanyşmagyň nusgalyk taglymatydyr», «Türkmen halkynyň şöhratly taryhyny, medeni mirasyny öwrenmekde gazanylan üstünlikler», «Hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamyny ösdürmek syýasaty türkmen dilini we edebiýatyny öwrenmegiň baş ýörelgesidir», «Täze taryhy döwürde iňlis dilini we edebiýatyny okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň ýollary», «Hünär ugry boýunça daşary ýurt dillerini täzeçil usullar arkaly öwretmegiň meseleleri», «Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty — Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň aýdyň ýoly», «Takyk ylymlar ulgamynyň ösdürilmeginde matematikanyň gazanan üstünlikleriniň orny», «Maglumat ulgamynyň we kompýuter tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegi — sanly bilimi ösdürmegiň esasy şerti», «Tebigy we takyk ylymlar ulgamynyň ösdürilmeginde fizikanyň we astronomiýanyň ylmy-barlag işleriniň orny», «Himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň häzirki zaman usullary», «Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamagyň we köpeltmegiň ileri tutulýan meseleleri», «Ýaşlaryň ekologiýa bilimiň we medeniýetiniň ösdürilmegi — tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmagyň möhüm şerti» atly bölümleriň 12-sinde dowam etdi.

Maslahatda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we beýleki ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň, aspirantlarynyň, alymlyk derejelerine dalaşgärleriniň hem-de talyplarynyň, şonuň ýaly-da, beýleki bilim-ylym edaralarynyň hünärmenleriniň, alymlarynyň, ylmy işgärleriniň ylmy nutuklarynyň 430-dan gowragy diňlenildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# TDU habarlary

**4 — 29-njy awgusty** aralygynda, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň nemes dili we edebiýaty hünäriniň talyplary A.Tomanow we A.Saparmämmedowa Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Akademiki alyş-çalyş gullugynyň (DAAD) 2025-nji ýylyň Iş meýilnamasynyň çäklerinde Germaniýanyň Ahen şäherinde Ahen amaly ylymlar uniwersitetinde hem-de Trier şäheriniň Trier Uniwersitetinde geçirilen tomusky okuwlaryna gatnaşdylar.



***

**30-njy iýul — 30-njy awgust** aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň italýan dili we edebiýaty hünäriniň talyplary M.Orunow, A.Tagyýewa, B.Aýdogdyýewa, A.Otyzowa Italiýa Respublikasynyň Daşary ýurtlular üçin Peruja uniwersitetinde talyplar üçin italýan dili we medeniýeti boýunça geçirilen okuwlara gatnaşdylar.



***

**1-nji sentýabrda** Konstitusiýa hukugy kafedrasynyň uly mugallymy S.Goçumowa BMG-niň Aşgabat şäherindäki binasynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň (UNDP) «Merkezi Aziýada zorlukly ekstremizmiň öňüni almak üçin durnukly jemgyýetleri ilerlemek» atly sebit taslamanyň çäginde okuw maslahatlarynyň tanyşdyryş dabarasyna gatnaşdy.

***

**1-nji sentýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlary ABŞ-nyň «C5+Opening Networks in English (C5+ONE)» maksatnamasynyň çäklerinde iňlis dilini çuňlaşdyryp öwrenmek boýunça 9 aýyň dowamynda geçiriljek okuwlara gatnaşdylar.

***



**2 — 4-nji sentýabr** aralygynda durmuş işi hünäri boýunça okadýan mugallymlar we durmuş işi hünäriniň 1 — 3-nji ýyl talyplary ÝUNISEF-iň bilermeni hanym Salome Nawiçişwiliniň iş saparynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen okuw maslahatlaryna we sapaklara gatnaşdylar.



***

**4-5-nji sentýabry** aralygynda ekologiýa kafedrasynyň mugallymy Ş.Durdyýewa BMG-niň Aşgabat şäherindäki binasynda geçirilen Türkmenistanda ýaşyl energetika geçmek boýunça syýasaty işläp düzmek hem-de bu ugurda milli hünärmenleriň bilimini artdyrmak boýunça okuw maslahatyna gatnaşdy.



***

**1 — 5-nji sentýabr** aralygynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary Türkmen döwlet maliýe institutynda geçirilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) «Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegiň başlangyçlary» boýunça okuw maslahatyna wideoaragatnaşyk arkaly gatnaşdylar.



**«Türkmen uniwersiteti».**

## Umumy okuw sapagy

**22-nji sentýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň Türkmenistandaky wekiliýetiniň ýolbaşçysy Mihail Rahmanowyň alyp barmagynda «Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hukugy boýunça borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi» atly umumy okuw sapagy geçirildi.



Umumy okuw sapagynda Mihail Rahmanow Bitarap Türkmenistan hoşniýetli parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň esasynda dünýäniň öňdebaryjy tejribelerine esaslanmak bilen, häzirki zaman türkmen jemgyýetinde halkara ynsanperwer hukugy ugrunda alyp barýan işleri barada belledi.

Bu ugurda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan ynsanperwer syýasatynyň häzirki zaman jemgyýetçiliginde mynasyp orna eýe bolýandygy nygtaldy. Türkmenistanyň bu ugurda alyp barýan işleriniň çäginde sebit we dünýä döwletlerine ynsanperwer kömeklerini bermek, şonuň ýaly-da, döwletara gatnaşyklarynda halkara ynsanperwer hukugynyň talaplarydyr kadalaryna eýerýändigi bellenilip geçildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Ýaşululara sarpa

**30-njy sentýabrda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Ýaşulularyň halkara güni mynasybetli «Ýaşulularyň ömür ýoly mekdepdir — öwütleri nesillere edepdir» atly aýdym-sazly baýramçylyk dabarasy geçirildi.



Baýramçylyk dabarasynda çykyş eden professor-mugallymlar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Ýaşulularyň halkara gününiň döwlet derejesinde baýramçylyk edilip bellenilýändigini uly buýsanç bilen aýdyp, türkmen halkynyň kalbynda esasy orna eýe bolan ajaýyp ýörelge — ýaşululara goýulýan hormat-sarpa babatda durmuşa geçirýän tutumly işleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk we alkyş sözlerini beýan etdiler.

Dabarada Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz hem-de dutarçylar toparlary tarapyndan ata Watanymyzy, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy we ýaşululary wasp edýän aýdymlar ýerine ýetirildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

## Döredijilik

# «KAKDYŇ ÝENE GAPYMY, MENIŇ PAÝHASLY GÜÝZÜM...»

Güýz pasly diýlende, güýzüň ebedi şygaryna öwrülen:

*Ýene güýz.*
*Güýz gelse saralýar ýaprak,*
*Ýaprak saralanda durlanýar pikir.*
*Ýatlaýaň geçeni öňküden köpräk,*
*Hem diýýäň: «Oňatlyk, Hudaýa şükür!»*

— diýen setirleri biygtyýar seriňe dolýan, özüni hiç hili tebigatdan üzňe göz öňüne getirmeýän söýgüli şahyrymyz Gurbannazar Ezizowy ýatlamazlyk mümkin däl. Güýzi Ezizowsyz, Ezizowyň döredijiligini bolsa güýzsüz göz öňüne getirip bolmaz. Güýz pasly gapydan ätläninden, eýýäm G. Ezizowyň «Güýz» atly sonetler çemeni, «Güýz», «Güýz gijesi», «Güýz peýzažy», «Güýz bilen söhbet», «Aýralyk pasly» ýaly birnäçe goşgulary ýadyňa düşýär.

*Syr alyp, syr berişýän*
*Söwer dostuma meňzäp,*
*Kakdyň ýene gapymy,*
*Meniň paýhasly güýzüm.*
*Ýene duýgy köňülde*
*Oýandy müňzäp-müňzäp,*
*Duýgulaň agramyndan*
*Epilip barýar dyzym.*

Şahyryň bu şygyrlaryny okanyňda, tebigat bilen sözleşýän, onuň bilen syr alyp, syr berişýän liriki gahrymany görmek bolýar. Gözelligiň we ruhubelentligiň aýdymçysy bolan G. Ezizow güýzi hemmetaraplaýyn açmaga, ony kämil suratlandyryp, güýz peýzažyny çekmäge çalşypdyr.

*Söýýän güýz paslyny,*
*Sarylygyny.*
*Göwnüme hoş ýakýar onuň pes päli.*
*Ölüm bilen ömrüň aralygyny*
*Ölçemeli ýaprak şahada häli.*

Esasy bellemeli zat bolsa, şahyryň tebigat baradaky ajaýyp şygyrlaryny ynsanyň ykbaly, täleýi bilen baglanyşdyrmagydyr. Güýz paýhasy bilen pikir öwrüp, ondan ylham alan şahyryň güýz oýlanmalarynyň ählisinde «güýz gussasy» ruhdan düşmegiň, terkidünýäligiň nyşany bolman, ýaşaýşyň ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ony ussat şahyryň güýz hakynda ýazan her bir setiri tassyklap biler:

*Gün tukat nur seçmese,*
*Ýere duman düşmese,*
*Gazlar aglap geçmese,*
*Güýzüň görki näm bolsun.*

*Köne oýlar dömmese,*
*Toprak agras dymmasa,*
*Bu aýralyk bolmasa,*
*Güýzüň görki näm bolsun.*

Şahyryň güýz hakynda döreden kämil şygyrlary bu pasla mahsus bolan alamatlary we onuň ynsanyň duýgy-düşünjesine gatnaşygyny çeper röwüşde beýan etmekligi bagyşlanylýar.

*...Tebigat toý tutdy baharda-ýazda,*
*Meýlisinde näz-nygmatyn eçilip.*
*Indem sary ýapraklaryn manat deý,*
*Otyr toýuň hasabyndan geçirip...*

— diýen setirlerinde tebigat bilen ynsan durmuşynyň ajaýyp sazlaşygy beýan edilýär. Şygyr setirlerinde beýan edilişine görä, güýzüň tutan toýy türkmen halkynyň ogul öýerip, gyz çykaranda, gadymdan gelýän däbi dowam etdirip, baryny-ýoguny orta atýandygyny, ýaşlaryň bagty, geljegi üçin bimöçber sahylyk edýändigini ýatladyp, güýzüň hem bütin barlygyny, hasylyny ynsanyýetiň we haýwanat dünýäsiniň dowamat-dowam bolmagy üçin harçlaýana meňzeýär.

Hawa, Gurbannazar Ezizowyň güýz baradaky duýguly dünýäsine aralaşdygyňça, özüňi-de göýä güýzüň agraslygy siňen şäher köçesinde ýaly duýýarsyň, çigrek howasyny süňňüň bilen syzýarsyň. Şygryýetiň juwan ägirdiniň şol duýguly setirleri ählimizi güýzlerden güýzlere alyp gitsin!

**Laçyn BEGZADAÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**4-nji ýyl talyby.**

**EZIZLIK BAR BU GÜÝZDE**

Gaýyp düşýän ýapraklaryň ýüzünde
Ýazylgy güýz hakda onlap setirler.
Olar ýazylmadyk goşgulary oň,
Olar örksüz, ýetim galan pikirler.

Ýitirlen duýgusy ençe ýürekleň,
Olar daňyn umyt baglap aty:rlar.
Hoşlaşýan dek nazar dikip asmana,
Adaja güýz ýelne galgap ýatyrlar.

Ezizow bar, ezizlik bar bu güýzde,
Bu ýapraklar ýaşalmadyk günleri.
Gözýetimde görünip dur ýarty Gün —
Tebigatyň serpaý eden gümmezi.

Seýilgähler, ýoda, ýollar tyllaýy,
Sary ýaprak büräpdir giň şäheri.
Gör, mawy asmanam şahyry ýatlap,
Nurun döküýär güýzüň sergin säheri.

**Kerimberdi HAKBERDIÝEW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet**
**uniwersitetiniň uçurymy.**

# Tegelek stoluň başynda

Häzirki döwürde ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde tegelek stoluň başynda guralýan gepleşiklere häli-şindi tomaşa edýäris. Kähalatlarda döwlet ýolbaşçylarynyň-da duşuşyklarynyň tegelek stoluň başynda geçirilýändiginiň şaýady bolýarys. Umuman, gündelik durmuşymyzda «tegelek stol» adalgasy köp gaýtalanýar. Emma onuň ähmiýeti, näme üçin başga görnüşli stollaryň beýle tapawutlandyrylmaýandygy hakynda içgin oýlanyp hem durmaýarys. «Tegelek stol» düşünjesi bolsa biziň durmuşymyza barha giňden ornaşýar. Geliň, bu barada taryhdan jogap gözläliň.

Tegelek stoluň özi Korol Artur we onuň tegelek stoluň başyndaky rysarlary baradaky rowaýatlardan gözbaş alýar. Korol Arturyň özi gadymy keltleriň rowaýatlarynyň gahrymany. Olar baradaky rowaýatlarda bolup geçýän wakalaryň ýerleri häzirki Britan adalary hasaplanylýar. Onuň rysarlarynyň bolsa gelip çykyşy baradaky maglumatlar döwür bilen baglylykda üýtgäp durupdyr. Bu barada birnäçe çeşmeler dürli maglumatlary berýärler. Rysarlaryň anyk sany hem belli däldir. Dürli rowaýatlarda ady agzalýan rysarlaryň içinden şulary tapawutlandyrmak bolar: Gaweýn, Lanselot, Galahad, Parsifal, Lamarok, Bors, Keý, Mordred, Garet Bomeýn, Gaheris, Agraweýn, Uriens, Iweýn, Gerrent, Bediwer we Tristan. Rowaýatlara görä, rysarlar Korol Arturyň gullugynda durup, onuň ynamdar adamlary bolupdyrlar. Olar hemişe Göroglynyň kyrk ýigitleri ýaly parahatçylygyň, asudalygyň, adalatyň tarapyny tutupdyrlar. Öz garaýyşlary ugrunda göreşipdirler.

Tegelek stol barada ilkinji bolup, anglo-normand şahyry Was 1150-nji ýylda özüniň Korol Artur baradaky rowaýatlarynda ýazypdyr. Taryhdan belli bolşy ýaly, şol döwürler begzada maşgalalary korola ýakyn bolmak, hatda, ýygnanyşyklarda hem oňa ýakyn oturmak isläpdirler. Bu ýagdaý olaryň arasynda ýiti çaknyşyklara getiripdir. Adatça, dörtburç stoluň başynda oturylanda onuň töründe korol, ondan soň oňa ýakyn iň ynamdar, ýokary derejeli adamlar ýerleşipdirler. Oturanlaryň ýerleri koroldan näçe daşlaşdygyça eýeleýän derejesi pes hasaplanypdyr. Bu ýagdaýda Korol Artur özi bilen ähli rysarlary tegelek stoluň başynda oturdyp, olaryň ählisiniň deňligini hatda onuň özüniň hem olar bilen deňligini subut etmäge çalşypdyr. Bu ýagdaýy onuň ähli egindeşleri goldap, olaryň öňünde korolyň abraýy has-da artypdyr. Netijede, gadymy zamanlardan bäri tegelek stol deňligiň, özara ynanyşmak we parahatçylyk ugrunda göreşýänleriň nyşanyna öwrülipdir. Şeýlelikde, onuň ýurdumyzda hem uly ähmiýete eýe bolmagy düşnüklidir. Häzirki döwürde onuň ähmiýeti has-da artýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň yglan eden Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda, baky Bitarap ýurdumyzda tegelek stollaryň başynda geçirilýän duşuşyklaryň sany köp bolsun!

**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**



## Ojakdan uçan durnalar

### FILOLOG ÝIGIDIŇ HATY

(Atamyrat Atabaýewiň äheňinde)

Salam, çylşyrymly grammatikaň
Tärlerni öwrenip, geljege barýan
Gözel gyz, sen sowuk saýma sözlerim,
Ýakymly eşdilsin intonasiýam.

Aýgytly ädimi bolup ykbalyň,
Ýatda galsyn ýaşlyk minutlarymyz.
Antonim bolmasyn sözlerimiz biziň,
Sinonimkä ähli umytlarymyz.

Durmuşyň baş düşüm däldigini-de
Duýdum, duşup yşkyň melamatyna.
A gyz, ynanmasaň başym egeýin,
Meňzäp misli sorag alamatyna.

Juwanlygyň gaýtalanmaz bahary,
Bize sowgat bersin bagtlaryn ýazyň.
Ezizim, sözlermiz utgaşyp gitsin,
Mysaly palatal singarmonizm.

Menlik ýöňkemede üýtgedip adyň,
Söýgimi siňdirip iberýän goşga.
Men alaç tapmadym (dagy nädeýin!)
Çykalga tapmadym şeýtmekden başga.

Fonetika ýaly syrly gözleriň
Oýnadyp, diýme sen: "Gep nokatlama".
Gijelerne sen hakynda oýlanýan
Garap ýyldyzlara, köp nokatlara.

Görüp seni arasynda boýdaşlaň,
Oýlanýan "haçana ýörmeli şeýdip?!"
Ultrases bilen gygyrjak bolýan,
Gorkýan etikany bozaryn öýdüp.

Haýyş edýän, hata jogap ýazyň siz,
Ýüregime aralaşsyn ümsümlik.
Hatyňyza garaşýaryn sabyrsyz,
Ýöne jogabyňyz bolmasyn ümlük.

**Gurbandurdy ORAZOW.**

# Hakydada galan ýatlamalar

Halkyň taryhy onuň dilinde, edebiýatynda, medeniýetinde hem sungatynda ýaşaýar. Biz hem türkmen dilini öwrenmekde uly işleri bitiren alym, filologiýa ylymlarynyň kandidaty, Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalynyň eýesi Begmyrat Weýisowyň Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gurbannazar Ezizow hakyndaky ýatlamasyny okyjylara ýetirýäris.



**Suratda (çepden saga) Nury Halmämmedow, Gurbannazar Ezizow, Begmyrat Weýisow.**

— Men Gurbannazar bilen talyplyk ýyllarymdan bäri tanyş. Biz häzirki Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetinde okaýardyk, men 3-nji ýyl, Gurbannazar bolsa 5-nji ýyl talypdy. Biz iküç ýyl bile tirkeşdik. Ol wagtlar her aýda diýen ýaly edebiýat birleşmesi bolardy. Şonda herimiz öz goşgymyzy joşup okardyk. Edebiýat birleşmesine gatnaşýanlaryň arasynda Gurbannazar iň ekabyryzdy.

Soň ykbal bizi harby gullukda duşurdy. Ilki Samarkanda düşdük. Ol ýerde tank sürüjileri taýýarlaýan harby uçilişşede bile okadyk, soň ýene Türküstan harby okrugynda bir polka düşdük. Gurbannazar zehinli şahyr, mähriban dostdy. Ol gulluk döwründe-de kän gowy goşgular ýazypdy. Gullukdan menden öň gaýtsa-da, hat ýazyp, habarlaşyp durardy.

Gurbannazaryň ýany kitapsyz wagtyny görjek gümanyň ýokdy. Uzak ülkede gulluk edip ýörendiris welin, Türkmenistanyň ähli gazet-žurnallary Gurbannazara gelerdi. Onuň üsti bilen biz öz ýurdumyzda bolýan ähli täzelikden habarly bolardyk.

Bir gün Samarkantda bizi mekdep okuwçylary bilen duşuşyga alyp gitdiler. Şonda Gurbannazara goşgy okatdylar. Ol Italiýada wepat bolan ildeşimiz hakda ýazan «Ballada» atly goşgusyny rus dilinde okady. Bir ýaşuly onuň ýanyna gelip, bu goşgyny öz ene dilinde okap bermegi haýyş etdi. Gurbannazar goşgyny türkmen dilinde labyzly okap berdi. Ýaňky ýaşuly ýene-de bir gezek okap bermegini haýyş etdi. Gurbannazar ýene okady. Bir seretsek, duşuşykdakylaryň ählisi gözlerinden ýaş döküp otyr. Diýjek bolýanym, Gurbannazaryň goşgulary goňşy halklarda-da uly söýgä mynasyp bolupdy. Onuň goşgularyny özi ýaly üýtgeşik labyz bilen okap bilýän ýokdy. Onda hiç kimiňkä meňzemeýän täsin labyz bardy.

Talyplyk ýyllarynda Gurbannazar birnäçe ýaş şahyryň edebiýata gelmegine uly kömek etdi. Bir gezek Ýazyjylar birleşmesinde bir ýaş şahyryň goşgusyny ara alyp maslahatlaşyp otyrkalar, ol öz pikirini aýtmak üçin orta çykdy. Ýygnagy alyp barýan baýry ýazyjymyz oňa: «Gurbannazar, sen halypa şahyrlara degişlimi ýa-da ýaş şahyrlara?» diýip, degişme äheňinde sowal berdi. Şonda Gurbannazar:

***Men Puşkinem däl, Lermontowam däl,***
***Magtymguly hem bolamok heniz,***
***Men Gurbannazar Eziz... —***
diýip jogap beripdi.

Wagtyň beýle tiz geçäýşini diýsene. Aradan, gör, näçe ýyllar geçipdir. Gullukdaş dostum Gurbannazar häli-häzirlerem meniň süýji ýatlamalarymdan çykanok. Men käte öz talyplaryma onuň bilen bile geçiren günlerim hakynda gürrüň berýärin. Gurbannazar şu bagtyýar günlerimizi görüp bilen bolsady. Beýik döwrümizi wasp edip, gör, näçe ajaýyp goşgulary dörederdi. Şeýle buýsançly pursatlarda söz ýaly jadylaýjy güýjüň eýesi bolan şahyrlarymyzy belentden sarpalaýan Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize müň mertebe alkyş aýdýaryn.

Ýazga geçiren **Mukam BEKGYLYJOW,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň**
**3-nji ýyl talyby.**

### TOÝ ETSEM SAŇA AÝTMARYN

*Toý etseň, maňa aýtma...*
Aýdymdan.

Meni jan-dilden söýüpdiň,
Indem söýmersiň öýtmerin.
Toý etseň «Aýtma» diýipsiň,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

Çykyp yşkyň meýdanyna,
Ynanyp seň idäniňe,
Zar bolsam-da didaryňa,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

Seret, söýgüde bir şert bar,
Yşga düşen kişi mert bor,
Aýtsam, dert üstüne dert bor,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

Ykbala bagty bagladyp,
Duşmanyň keýpin çagladyp,
Çyn dostlary gan agladyp,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

Soňky sözümi aýdyp men,
Bilýän, gelmerin gaýdyp men,
A sen gelersiň öýdüp men,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

Bir sen küýüm-küçäm bolar,
Bilmen heran-haçan bolar,
Syryň ile peçan bolar,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

Başarmadym köňül bermän,
Ýok ekeni yşga derman,
Galdyryp içde müň arman,
Toý etsem, saňa aýtmaryn.

**Şähribossan**
**GELDIMÄMMEDOWA,**
**türkmen edebiýaty kafedrasynyň**
**uly mugallymy.**

## *Ýaşlygymyzyň ýatlama goşgulary*

### AGLAMA, GURJAK

Aglama, gurjak,
Seni eý görjek.
Tikip, täzeje
Köýnek geýdirjek.

Onsoň bileje,
Ýöräp çalaja,
Gideris baga
Biz gezelenje.

**Atajan TAGAN.**

### KIM GÜNÄLI?

Kowalady Arzygül,
Böküp gitdi pişijek.
Jamda duran gatygy,
Döküp gitdi pişijek.

Elin çarpdy Arzygül:
«Ejem gelse görersiň.
Munuň üçin, garagol,
Indi burçda durarsyň».

Gelip görse ejesi,
Halyň üsti zaýady.
Muny pişik dökse-de,
Arzygüle käýedi.

Näme üçin beýtdikä,
Bilýäňizmi, siz ony?
Pişikmi ýa Arzygül,
Haýsy etdi günäni?

**Mämmet SEÝIDOW.**

### MEKDEBIM

Eý, mekdebim, jana-jan,
Saňa bolan söýgim kän.
Sen misli enem deýin
Bakdyň maňa mähriban.

Kitap berdiň goluma,
Aýdym berdiň dilime,
Ýene öňe gitmäge,
Ýagty saçdyň ýoluma.

Barýaryn öňe mekdep,
Ýol açdyň maňa mekdep,
Bütin geljegim üçin
Minnetdar saňa mekdep.

**Nury BAÝRAMOW.**

# «Arkadag» topary — Naýbaşy Kubogyň eýesi

Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň baýram edilýän günlerinde «Arkadag» futbol topary nobatdaky kubogyny gazandy. Topar Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogy ugrunda geçirilen oýunda «Ahaly» ýeňlişe sezewar edip, Kuboga bassyr ikinji gezek mynasyp boldy. Paýtagtymyzdaky «Nusaý» stadionynda geçirilen duşuşyk 3:0 hasabynda Arkadag şäheriniň adybir toparynyň ýeňşi bilen tamamlandy.

«Arkadag» toparyna ýeňiş getiren gollary Mirza Beknazarow (14-nji minut) bilen Altymyrat Annadurdyýew (52-nji hem-de 63-nji minutlar) geçirmegi başardylar.

Arkadag şäheriniň adybir futbol toparynyň gazanýan üstünlikleri halkara arenasynda hem my-



nasyp dowam edýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2023-nji ýylda döredilen «Arkadag» futbol topary 2023-2024-nji ýyllarda gatnaşan ähli bäsleşiklerinde — ýurdumyzyň çempionatynda we Türkmenistanyň Kubogy hem-de Naýbaşy Kubogy ugrundaky ýaryşlarda üstünlik gazanmagy başardy.

Bu toparyň beýik Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýunyň giňden bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda gazanan ýeňşi bolsa milli sportumyzyň, şol sanda türkmen futbolynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan şanly waka bolup dabaralandy.

**Çaran BAÝRAMMEDOW,**
**roman-german we gündogar dilleri fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

# Möwsümiň iň gowulary yglan edildi

Golaýda futbolyň iň uly şahsy sylagy hasaplanýan «Altyn top» (Ballon d'Or) baýragynyň şu ýylky ýeňijisi mälim edildi. Parižde geçirilen 69-njy dabarada «Altyn top» baýragynyň çäginde başga-da birnäçe baýraklar ýeňijilerine gowşuryldy.

Netijede, 2025-nji ýyl üçin «Altyn top» baýragynyň ýeňijisi diýlip, PSŽ-niň fransiýaly ýyldyzy Usman Dembele saýlandy. Oňa baýragy braziliýaly meşhur futbolçy Ronaldinio gowşurdy. Ol bu ugurda Lamin Ýamal bilen topardaşy Witinýany yzda galdyrdy. Geçen möwsümde «Ligue 1»-de iň köp gol geçiren 2 futbolçynyň biri bolan Dembele 2024/25-nji ýyl möwsüminde düzüminly» futbolça gowşuryldy. Bu baýragyň zenanlaryň arasyndaky ýeňijisi diýlip, ýene-de «Barselona» toparyndan ispaniýaly ýarymgoragçy Wiki Lopes saýlandy.

Iň ökde derwezeçä berilýän «Yashin Trophy» baýragynyň bu gezekki eýesi italiýaly derwezeçi Januiji Donnarumma boldy. Ol awgust aýynda PSŽ-den «Mançester Siti» toparyna transfer bolupdy. Ýylyň iň ökde zenan derwezeçisi hökmünde «Çelsi» toparynyň iňlis derwezeçisi Hanna Hampton saýlandy.

Geçen möwsümiň iň köp gol geçiren futbolçysy şwesiýaly hüjümçi Wiktor Gýökereş «Gerd Müller Trophy» baýragy bilen sylaglandy. Tomusda «Spor-




de 53 oýunda 35 gezek tapawutlandy.

Zenanlaryň arasynda baýraga soňky 2 ýylyň ýeňijisi «Barselonanyň» 27 ýaşyndaky ýyldyzy Aitana Bonmati mynasyp boldy. Ol «Ballon d'Or Feminin» baýragyny yzly-yzyna 3 gezek gazanan ilkinji zenan futbolçy hökmünde taryha girdi.

Ýaşlaryň arasyndaky iň ökde futbolça berilýän «Kopa Trophy» baýragyna «Barselonanyň» ýyldyzy Lamin Ýamal laýyk görlüp, ol Desire Due bilen Žoao Neweşden öňe saýlanmagy başardy. Ýamal bu baýragy yzly-yzyna 2 gezek gazanan ilkinji futbolçy bolup, baýrak soňky 5 ýylda 4-nji sapar «barselonatingden» «Arsenala» transfer bolan Gýökereş geçen möwsümde 53 gol geçiripdi. Zenanlaryň arasynda bu baýraga «Barselona» toparynyň polşaly hüjümçisi Ewa Paýor laýyk görüldi. Ol geçen möwsümde 43 goly derweзä girizdi.

Ýylyň iň ökde tälimçilerine berilýän «Johan Cruyff Trophy» baýragyna PSŽ-niň tälimçisi, ispaniýaly hünärmen Luis Enrike, zenanlardan Angliýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi, niderland hünärmeni Sarina Wigman laýyk görüldi.

PSŽ topary ýylyň iň gowy kluby, «Arsenal» ýylyň iň gowy zenan kluby diýlip saýlandy.

# «Apple» kompaniýasy «iPhone 17» tapgyryny tanyşdyrdy



***9-njy sentýabrda*** «Apple» kompaniýasy nobatdaky degişli smartfonlaryny we beýleki enjamlaryny tanyşdyrdy. Şol gün kompaniýa «iPhone 17», «iPhone 17 Pro», «iPhone 17 Pro Max» we tapgyryň täze agzasy «iPhone 17 Air» smartfonyny tanyşdyrdy. «iPhone 17 Air» ozalky ähli smartfonlardan ýukalygy bilen tapawutlanýar. Gabarasy titandan ýasalan smartfonyň galyňlygy bary-ýogy 5,6 mm.

«iPhone 17»-leriň öňki kamerasy adaty 4:3 ölçeginde däl-de, kwadrat formatda surata alýan täze sensor bilen edilipdir. Şeýlelikde, kamera bilen surata düşürilende, «Center Stage» atly aýratynlygy bilen, wideojaňlarda ulanyjyny ekranyň ortasynda görkezýär. Şeýle hem bu aýratynlyk telefony dik saklamak arkaly hem selfi surata düşmäge mümkinçilik berýär. Telefondaky emeli aň ulanyjynyň islegine görä, suratlary awtomat ýagdaýda 4:3, 16:9 ýa-da kwadrat görnüşinde döredýär.

«iPhone 17 Pro»-larda bolsa, öňki we yzky kameralar arkaly şol bir wagtyň özünde wideoýazgy hem edip bolýar.

Telefonlaryň yz tarapyndan ozalky ýyllardaky ýaly üç kamera sensory bar, emma olaryň ählisi hem 48 MP durulygynda surata düşürip bilýär.

«Apple» uzak wagtdan soňra smartfonlarynyň we sagatlarynyň batareýalaryny kämilleşdiripdir. «17 Pro» modellerinde gaýtadan alýumin gabara oturdylypdyr. «iPhone 17 Pro Max»-yň batareýasy 39 sagat wideo görmäge mümkinçilik berýär.

«iPhone 17 Air» modeliniň ýuka bolmagynyň sebäbiniň «ýokary dykyzlykdaky» batareýasydygy bellenildi. Bu modelde 40 sagada çenli wideo görüp bolýar. Şeýle hem bu telefon 10 minut zarýada goýlanda, 8 sagat wideo görmäge mümkinçilik berýär.

Kompaniýa enjamlaryň önümçiliginde ulanylan materiallaryň köp böleginiň ozalky ulanylan materiallaryň gaýtadan işlenmeginden alnandygyny mälim etdi. Esasan, «iPhone Air»-iň önümçiliginde ulanylan çig malyň 80 göterimi ozalky ulanylan materialdan alnan çig maldan öndürilipdi.

«17 Pro» hem-de «17 Pro Max» modelleri ekrany we yz tarapy çyzylmaga çydamly «Ceramic Shield» tehnologiýasy bilen üpjün edilipdir. Ähli smartfonlaryň ýadynyň azyndan 256 GB-dygy mälim edildi.

**Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Mukam BEKGYLYJOW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com